# Gazagystanyñ sowet döwründen galan iñ soñky prezidentiniñ garaşylman durka işden gitmegi halkymyz üçin nämäni añladýar?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gazagystanyñ sowet döwründen galan iñ soñky prezidentiniñ garaşylman durka işden gitmegi halkymyz üçin nämäni añladýar?
GAZAGYSTANYÑ SOWET DÖWRÜNDEN GALAN IÑ SOÑKY PREZIDENTINIÑ GARAŞYLMAN DURKA IŞDEN GITMEGI HALKYMYZ ÜÇIN NÄMÄNI AÑLADÝAR?

Orta Aziýada ýerleşen, SSSR-den bölünen, nebite baý, 18 million ilatly, meýdany boýunça dünýäniñ dokuzynjy ýurdy Gazagystan rowaýaty saýyp boljak taryhy pursaty başdan geçirdi. Gazagystanyñ ilkinji Prezidenti Nursultan Nazarbaýew häkimiýetde geçiren otuz ýyla golaý wagtyndan soñ öz islegi bilen işden gitdi.
Bu habar dünýäni we gazagystanlylary haýrana goýdy. Otuz ýaşdan aşakly nesil bolan biz ýaşlar ýurdun ilatyñ ýarsyna golaýyny tutýarys we ol biziñ tanaýan ýeke-täk ýolbaşçymyzdy. Habar haýran galma, tolgunma, gorky, umyt duýgulary ýaly garym-gatym duýgularyny döretdi.
Elbetde, bular ýaly güýçli şahsyýetiñ Gazagystanyñ syýasy durmuşynda täsirini dowam etdirip biljek işleri etmezden işden gidendigini pikir etmek ýalñyş bolardy. Sebite belet dällere Orta Aziýa liderleriñ ygtyýarlyklaryny paýlaşmagy halamaýandyklaryny ýatlatmak ýerlikli bolardy. 2016-njy ýylda Özbegistanda, 2006-njy ýylda Türkmenistanda görlüşi ýaly, liderler ölýänçä häkimiýetiñ jylawyny elden berenoklar. Gazagystan başga bir ugry saýlady, emma bulam öñkülerden gaty bir tapawutly bolmajaga meñzeýär.

Ilkinji nobatda Nursultan Nazarbaýew iñ uzak wagtlap prezidentlik eden sowet döwrüniñ lideri. 1989-njy ýylda ol Gazagystan SSR-niñ başyndady. Ýurduñ sowet gözegçiliginden uzaklaşma döwrüni dolandyrandan soñ, 1991-nji ýylda Garaşsyz Gazagystanyñ prezidenti wezipesine girişdi. Ýurdy aýaga galdyrmak üçin köp taraplaýyn uly işleri etdi. SSSR-iñ dargan 90-njy ýyllarynda diñe inflýasiýanyñ derejesi 3 müñ göterime deñdi we maksatnamalaýyn ykdysady model dargapdy. Çöken sowet ykdysadyýetinden soñ potansial maýa goýumçylary, syýasatçylar bilen geçirilen köp sanly gepleşikler bilen bir hatarda, elbetde, uly nebit we gaz ýataklarynyñ açylmagy bilen birlikde häzirki dowam edip duran düzgünimiz emele geldi. Ýurdy uzak wagtlap dolandyrandan soñ, adam islese-islemese eden işlerinden uzaklaşyp bilmeýär. Öñki Prezidentem tutynyñ añyrsyndan möhüm kararlara täsirini ýetirmek üçin (munda edeniniñ ugruna boljakdygyna şübhe ýok) birnäçe işlere burnuny sokar.

Ikinjiden, goñşularynyñ köpüsi ýaly Gazagystanam awtoritar ýurt we bizde wajyp meselelerde jemgyýetçilik çekişmelerini başlap biljek hakyky syýasy oppozisiýa ýa-da garaşsyz, güýçli mediýa ýok. Bir seredeñde ähmiýetsiz ýaly bolup görünýän kararlaryñ täsirlerine düşünmek üçin setirleriñ arasyna diñe syn etmek gerek.

Nazarbaýew 2017-nji ýylyñ ýanwar aýynda mejlise we hökümete has köp ygtyýarlyk bermek üçin Konstitusiýa üýtgeşme girizende, köpçülik bu üýtgeşmäni oñlady. Emma ol işi ýurtda «parahatçylygy we durnuklylygy» saklamak üçin Howpsuzlyk geñeşine has köp ygtyýarlyk bermäge getirägetdin, 2018-nji ýylyñ maý aýynda geñeşiñ hemişelik başlygy boldy. Birnäçe synçy ygtyýarlyk transferi operasiýasynyñ bireýýäm başlandygyny öñe sürdi. Dogrusy, has köp ygtyýarlygy bolan Howpsuzlyk geñeşiniñ başlygy prezidentden dagy has güýçli. Nazarbaýew hem-ä geñeşiñ başlygy, hemem ýurduñ prezidentidi.

Adamlar onuñ öz islegi bilen işden gitme ähtimallygyny gürrüñ edip ýörkä, Nazarbaýew häzirem ýeterlik wagtynyñ bardygyny we belki-de gaýtadan talaşgärligini hödürläp biljekdigini aýdyp, bu gürrüñleriñ soñuna nokat goýdy. Bularyñ barsy öñünden

taýynlanan meýilnamanyň bir bölegi bolanam bolsa, habaryň arasyna wagt salynmagy häzirem her kesi haýrana goýýar.
Ýigrimi dört sagadyň içinde nähili köp üýtgäp bilýär? 19-njy mart güni sagat 19:00-da öz islegi bilen işden gitme habarynyň eşdilen gününiň ertesi durmuşymda ilkinji gezek başga prezidenti gördüm. Konstitusiýa görä Senatyň başlygy Kasym-Jomart Tokaýew 2020-nji ýylyň dekabr aýynda geçiriljek saýlawlara çenli wagtlaýyn prezidentlik etmeli. Paýtagt Astanada öýlän uçurlary Tokaýew kasam kabul etdi. Adamlar bu täsin syýasy üýtgeşmäniň düýp manysyna düşünmäge çytraşsa, ol «ilkinji prezidentiň hormatyna» Astananyň adynyň üýtgediljekdigini şatlyk bilen habar berdi. Mejlis bu karary biragyzdan goldady.
Astanalylaryň köpüsi şol gün işden gaýdyp öýlerine baranlarynda, paýtagtyň adynyň Nursultan boljagyny bilenokdylar. Gazagystanyň ähli şäherlerindäki iň uly köçelerine-de Nazarbaýewiň ady berilmeli edildi. Öňki lideriň mirasy juda giň gerimli bolmaly. Şol ikiarada Senatyň başlygy saýlanan öňki prezidentiň gyzy Dariga Nazarbaýewa ýurduň iç güýçli ikinji wezipesiniň eýesi boldy.
Biz gazagystanlylar sesimiziň syýasat ýöretme proseslerinde pitiwa edilmeýändigi hakykatyna öňdenem öwrenşikli. Häzir bolup geçýänler we Nazarbaýewiň mirasyny gorag astyna almagy maksat edinýän öňdengörüjilikli manýowrlar öňümizdäki birnäçe ýylda hemme zadyň öňküligine galjakdygyna yşarat edýär. Muňa garamazdan wakalaryň başga tarapa-da üýtgäp biljekdigine ynanmagymyz üçin güýç beren sişenbe günündäki birnäçe sagatlyk tolgunma meni ýurda has aýdyň gelejegiň garaşýandygyna bolan umydy döredýär.

Aýgerim TOLEUHANOWA,
Gazagystanyň Almaty şäherinde ýaşaýan garaşsyz žurnalist.

23.03.2019 ý.

*Gazagystan we Orta Aziýa boýunça ylmy-syýasy işleri alyp*

*barýan Toleuhanowanyñ «EurasiaNet», «Esquire Kazakistan», «Foreign Policy», «The Diplomat», «The Washington Post»-da makalalary çykýar.*

https://www.independent.co.uk/voices/ Publisistika